• **Right:** *With a long history of 596 years, Jiqinglou is the oldest circular earth building in Yongding County. It is constructed out of timber yet with no iron nails. As a result this tulou enjoys high historical, scientific and artistic value.* • **Sagdan:** *Jikwinglou – Ýongding etrabyndaky gadymy binadyr; onuň gurlanyna 596 ýyl geçipdir. Onuň gurluşy örän özboluşly we täsindir; ol ýekeje-de çüý kakylman tagtadan dikeldilen bina boýmak bilen, uly taryhy, ylmy, çeperçilik gymmata eýedir.* • **Справа:** *Джиквинглоу – старейшее круглое земляное строение в провинции Йонгдинг, ему 596 лет. Его структура уникальна и удивительна: построенное из дерева и без единого гвоздя, сооружение имеет большую историческую, научную и художественную ценность.*



© adrukya



© Hung Chung Chih

• **Left:** *Unlike normal circular earth buildings that usually had four public stairways, Jiqinglou has 72 stairways which divide the whole building into 72 independent units.* • **Çepden:** *Dört sany umumy çykylýan basgançakly adaty tegelek pagsa binalardan tapawutlylykda Jikwinglou-da 72 sany basgançak bar we olar tutuş galany 72 sany özbaşdak bölege bölýärler.* • **Слева:** *В отличие от обычных круглых земляных строений, которые имеют четыре общедоступные лестницы, Джиквинглоу имеет 72 лестницы, которые делят все строение на такое же число независимых блоков.*

Одно из чудес света

«Летающие тарелки, упавшие с неба» и «грибы, растущие из земли» - так называют в народе древние китайские строения - «тулою»

Эти необычные строения в течение многих лет будоражили фантазию исследователей из разных стран мира и были включены во Всемирный список культурного наследия ЮНЕСКО в 2008 году.



• **Left:** *The 5,000sqm Zhenchenglou is composed of an inside ring, an outside ring and a central hall. The outside ring has four stories – the first floor is used as the kitchens and the second as the storerooms; with the third and fourth floors used as living rooms and bedrooms.* • **Çepden:** *Meýdany 5,000 kwadrat metre barabar Ženşengli galasy içki, daşky halkalardan hem-de merkezi zaldan ybaratdyr. Daşky halka dört gat beýikdäkde bolup, birinji gat aşhana; ikinji gat ammar; üçünji we dördünji gatlarda bolsa myhmanahana we ýatak jaýlar ýerleşipdir.* • **Слева:** *Женьшеньлоу - площадью 5,000 кв. метров - состоит из внутреннего, внешнего кольца и центрального зала. Внешнее кольцо имеет четыре этажа – первый этаж используется в качестве кухонь; второй этаж – в качестве хранилища; третий и четвертый этажи – гостиные и спальни.*

Спрятанный в глубине темно-зеленых гор провинции Фуцзянь на юго-западе Китая комплекс древних сооружений ежегодно привлекает внимание тысяч туристов со всего мира. Во время моей последней поездки в этот регион у меня появилась прекрасная возможность более подробно ознакомиться с этими достопримечательностями.

Выехав из города Лонгиан и преодолев живописный горный массив, мы добрались до района Ёнгдинги и сразу увидели цель своего путешествия. Круглые и квадратные, пятиугольные и восьмиугольные - эти массивные сооружения, окутанные туманом, с черными крышами и деревянными стенами, всегда выглядят величественными и в то же время очень изысканными, кажутся и домами и крепостями одновременно.

Говорят, что старейшему земляному строению в Фуцзяне более 1200 лет. В то время этот жилой комплекс населяли народности Хакка, проживающие в настоящее время в южном Китае, Тайване, Гонконге, Индонезии, Малайзии и других странах Юго-Восточной Азии. Спасаясь от войн, люди осели здесь, построив величественные многоэтажные дома из утрамбованного грунта.

За прошедшие столетия эти строения были свидетелями многого. Тулою считаются самыми знаменитыми примерами массивных зданий из сырой глины.

Укрепленные внешние стены были, как правило, сделаны из глины, смешанной с мелким песком, известью, бамбуком, деревом, бумагой и т.п. Ветви дерева часто укладывались в стену для дополнительного укрепления. В строительную смесь добавляли большое количество коричневого сахара и специальным ✈

warm in winter and cool in summer.

Among the different kinds of earth buildings, the circular ones are the crowning model to exemplify the archetypal architectural art of tulou, mostly composed of two or three circles surrounding the buildings concentrically. More than 10 metres in height, the outer circle usually has dozens to hundreds of rooms distributed within four or five stories. On the first floor are kitchens and dining rooms; the second floor contains store houses for grains and various farming tools; and the third floor and above are bedrooms – the only rooms which have small windows to the outside. In the centre of the courtyard of the compound is the ancestral hall, where the several hundred people inhabiting the building discussed significant family matters such as ancestor worshipping, festivals, meetings, weddings, funerals and other ceremonial functions. All the rooms, the same in shape and size, are linked into a circle by a corridor, and facilities for daily life such as wells, bathrooms and mills are also located inside the building. Each compound has its distinctive name, derived from the teachings of the clan's genealogy.

Winning the title of the 'King of tulou', Chengqi Lou lies in the Gaotou Village of ✈



"Round walls, round tiles, and under the round eaves is my round family".

dogan-garyndaşlyk we urug-taýpa gatnaşyklarynyň, şeýle hem adamlaryň uly toparlara bölünip, bilelikde ýaşamak däpleriniň janly şaýadydyr. Pagsadan galdyrylan beýik desgalaryň dünýädäki özboluşly nusgasy hökmünde tuloýu köptaraply we giňden ýaýran gala-jaýlar hasaplanylýar.

Ymaratlaryň daş ýüzüniň galyň, berkitmeli diwary esasan çäge, hek, bambuk we beýleki agaçlar, kagyz hem-de beýleki taýyn materiallar garylyp eýlenen palçykdan örülipdir. Diwarlaryň berk bolmagy üçin onuň gatlarynyň arasyna agaçlaryň we bambugyň şahalaryny, sütünlerini goýup örüpdirler. Şonuň ýaly-da, diwaryň jebisligini has güýçlendirmek maksady bilen palçyga uly mukdarda goňur – şekerçiňrik gandyny we şalydan taýynlanýan şepbigiň erginini garypdyrlar. Netijede tuloýunyň içine günüň ýagtysy düşüpdir, şemal çalypdyr, jaýlaryň içi daşarynyň sowuk, tüweleýli howasyndan ygtybarly goralypdyr, ýer titremesiniň sarsgynlaryna çydapdyr, olar gyşyna ýyly, tomsuna-da salkyn bolupdyr.

Pagsa binalaryň tegelek görnüşlisi iň köp duş gelýän nusgalarydyr. Olar tuloýu sungatynyň iň gadymy arhtitektura nusgalary bolup, iki ýa-da üç aýlawly halkalaýyn meýilleşdirilipdir. Bu halkalaryň her biri merkezi nokatdan birmeňzeş daşlykdadyr. Daşky halkanyň beýikligi 10 metre, onuň dört-bäş gatly binalaryndyky otaglaryň sany bolsa onlarçadan ýüzlerçä çenli baryp ýetipdir. Birinji gatda aşhana we nahar iýilýän otaglar, ikinji gatda galla hem-de her hili oba hojalyk gurallarynyň saklanýan üç sany ammar jaýlary, üçünji we ondan ýokarky gatlarda kiçijik penjireli bir otagly ýatakhanalar ýerleşipdir; howlynyň ortasynda «ata-babalaryň zaly» diýlip atlandyrylýan giň jaýyň daşyna germew aýlanyp, beýleki otaglardan



© tristan tan



© copperman

образом приготовленного клейкого риса для усиления связующей способности. В результате тулою были освещенными, хорошо проветривались, защищали от ветра, были сейсмостойкими, в них было тепло зимой и прохладно летом.

Наиболее часто встречающиеся тулою - круглые, они представляют собой два или три круга, вписанных друг в друга. Внешний круг высотой около 10 метров обычно имеет от десяти до ста комнат, расположенных на четырех или пяти этажах. На первом этаже находятся кухни и столовые, на втором – хозяйственные помещения для хранения зерна и сельскохозяйственного инвентаря, на третьем этаже и выше – спальни – единственные комнаты, имеющие маленькие окошки. В центре двора - зал «предков», где несколько сотен людей, населявших сооружение, собирались вместе и обсуждали важные вопросы повседневной жизни. Все комнаты как правило имеют одинаковую форму и размеры, располагаются по кругу и всегда объединены коридором. Для жильцов имелись все необходимые в то время удобства – колодцы, туалеты, ванные комнаты. Мельницы также располагались внутри здания. Каждая такая территория имела свое уникальное название в зависимости от генеалогии клана.

Названый «Королем тулою» жилой массив Ченги Лу находится в деревне Гаоту в районе Ёнгдинг. Это круглое сооружение с четырьмя концентрическими кольцами, окружающими большой зал. Строение состоит из четырехсот комнат и служило домом для более чем восьмидесяти семей общей численностью в шестьсот человек.

В деревне Хонгкенг расположено Женченглу - тулою с двумя кольцами. Внешнее кольцо разделено на восемь частей с противопожарными перегородками между ними, они образуют отдельные внутренние дворы, соединенные сквозными проходами; на каждом этаже имеются оригинальные деревянные

• **Above:** *These earth buildings are well-lit, well-ventilated, windproof and earthquake-proof, warm in winter and cool in summer.* • **Ýokarda:** *Bu pagsa desgalar örän gowy yşyklandyrylypdyr, içine şemal çalýar, ýelden we ýer titremesinden goraýar, gyşyna ýyly, tomsuna bolsa salkyn.* • **Выше:** *Эти земляные строения хорошо освещены, хорошо проветриваются, защищают от ветра и землетрясений, в них тепло зимой и прохладно летом.*

Yongding, and is a massive circular tulou with four concentric rings surrounding an ancestral hall at the centre. There are 400 rooms in the buildings and at its height it was home for over 80 families comprising more than 600 residents.

Inspired by the Bagua concept of Chinese Fengshui, Zhenchenglou, located in Hongkeng Village, is a double-ring tulou. The outer ring was partitioned into eight parts with firewalls in between, forming separate courtyards and interconnected through-doors; whilst having elegant wooden railings on every floor. Built in 1912, Zhencheng Lou is a typical representation of the circular buildings of

east-meets-west architecture, the layout of which has both the flavour of Suzhou traditional gardens and the characteristics of ancient Greek architecture. Western influence is evident in the two-story inner ring, with outstanding Greek style columns in the ancestral hall, and wrought iron railing of the second level corridor. Locals nicknamed this site 'Prince of tulou', for its splendid outer appearance and unusual interior.

Praised for having the greatest number of stairways, Jiqing Lou lies in Chuxi Village and is the most particular and amazing example of tulou, as it is constructed out of timber yet without the use of iron nails. As a result, Jiqing Louen joys high historical, scientific and artistic value. It consists of two concentric rings - the outer ring building is four stories tall with, uncommonly, 72 stairways in total dividing the building into 72 independent units (normally there are two or four staircases in one tulou). The second ring is a one-story building. Built in 1419 during the reign of the Yongle Emperor of the Ming dynasty, Jiqing Lou is now used as the Hakka Folk Customs Museum. There are more than ten thousands exhibits about the unique life, history and culture of the Hakka people. When stepping onto the wooden staircases, you can hear a continuous symphony in every corner of the wooden blocks.

"Round walls, round tiles, and under the round eaves is my round family". Each tulou is a small society, in which the inhabitants of several to tens of families, of the same ancestral lineage, share in peace the same gate, ancestral hall, courtyard, well and stairways, as well as a way of life.

Despite the lack of modern facilities in these ancient structures, at present a few of the elder, local residents still prefer to live in tulou rather than move to new houses - not only because they enjoy the fresh air and the simple yet comfortable living conditions, but also due to their deep emotional connection with their ancestors' legacy. •



© Alosan



• **Left:** *This rare white tulou building is the youngest tulou on the World Culture Heritage List. Its name is Shanqinglou and it is only 37 years old.* • **Çepden:** *Bu seýrek duş gelýän ak tulou – dünýäniň medeni mirasynyň Sanawyna girizilen iň täze binadyr. Ol Şankwinglou diýilip atlandyrylýar we gurlanyna bary-ýogy 37 ýyl geçipdir.* • **Слева:** *Это редкое белое строение тулоу – самое новое в Списке всемирного культурного наследия. Оно носит имя Шанквинглоу и ему всего лишь только 37 лет.*

bölünip aýrylypdyr. Bu ýerde ötüp-geçenleriň dini urp-adatlaryny berjaý etmegiň, baýramçylyklary, toýlary, merhumy jaýlamagy ýa-da beýleki wajyp durmuşy çäreleri geçirmegiň maslahaty guralypdyr. Ölçegleri we ýerleşişi boýunça birmeňzeş otaglaryň ählisiniň gapysy umumy geçilgä çykypdyr. Ýaşaýanlaryň hemmesi gatlardaky uzyn geçelgäni umumylykda ulanypdyrlar. Ilat üçin ähli amatly şertler döredilipdir: guýular gazylypdyr, suwa düşülýän hammamlar, däne üwelýän degirmenler gurlupdyr. Her biri aýratynlykda ýerleşýän çäkleriň urug-taýpanyň durmuş ýörelgelerine baglylykda öz atlary bolupdyr.

Ýongding etrabynyň Gaotu obasynda gurlan Çengi Lu galasy «Tuloýularyň Soltany» diýlen derejä mynasyp bolupdyr. Dört sany merkezi nokatdan deň daşlykda ýerleşýän halkalardan, «ata-babalaryň zalyndan» ybarat bu äpet tegelek gala 400 otagdan ybarat bolup, onda agzalarynyň sany 600-den geçýän 60 maşgala ýaşapdyr.

Hongkeng obasynda Bagua konsepsiýasyndan ruhlanyp gurlan hytaý tuloýulary Fengsşuý, Çençenglu – iki halkaly desgalardyr. Iň daşky halka sekiz bölege bölünipdir we olaryň her birinde içki işikleri boýunça özara okkessir birleýän, ýangyn howpunyň öňüni almaga niýetlenen aýry-aýry içki howlular bar. Her bir gatda germew görnüşinde agaçdan haşamlanyp aýmançalar ýasalypdyr. 1912-nji ýylda gurlan Çençenglu galasy gündogar-günbatap arhitektura stiliniň adaty tegelek görnüşli desgasydyr. Onuň otaglarynyň amatly ýerleşdiriliş aýratynlygynyň däbe öwrülen Sužu bossanlygyny öz içine alşy ýaly, gadymy grek şäher binagärliginiň häsiýetli aýratynlyklaryny hem özünde jemleýär. Günbatar binägärligiň täsiri, ylaýta-da, galanyň içki iki gatly halkasynda has-da göze ilýär, bu gatlardaky «ata-babalaryň zaly» diýlip atlandyrylýan giň otagdaky grek stilindäki kaşaň sütünler hem-de guýma demirden ýasalyp ikinji gata münülýän basgançagyň gyrasyna aýlanan nagyşly germewler muňa doly şaýatlyk edýär. Bu ýeriň ajaýyp daşky keşbi hem-de içki täsinlikleri üçin ony «Tuloýuň Şazadasy» diýip, örän mahabatly atlandyrýarlar.

Iň köp basgançakly bina hasaplanýandygy sebäpli, öwülip dabarasy arşa çykarylýan Jikwing Lu ymaraty Çuksi obasynda ýerleşýär. Ol agaçdan ýasalýan binalarda köp ulanylýan demir çüýleriň ýekejesi-de ulanylmadyk özboluşly hem-de göreni haýran galdyrýan,



• **Above:** *Zhencheng Lou, built in 1912, is a prime example of East-meets-West architecture in the Hongkeng tulou cluster. Locals give it a nickname of "Prince of Tulou" for its splendid shape and unique interior. The design is inspired by China's bagua, an eight-sided diagram derived from I Ching (The Book of Changes).* • **Yokarda:** *1912-nji ýylda gurlan Çençenglu galasy Gonkengdäki tuloular toplumynyň gündogar-günbatar arhitektura stiliniň aýdyň nusgasydyr. Ajaýyp daşky görnüşi hem-de içki bezegleriniň täsinlikleri üçin ony «Tuloýularyň Şazadasy» diýip, örän mahabatly atlandyrýarlar. Onuň dizaýny hytaý baguasy, I Çing (Özgermeler kitabyndaky) sekizburçly diagramma bilen utgaşdyrylandyr.* • **Выше:** *Женьшеньглоу, построенное в 1912 г. - яркий пример участия восточной и западной архитектуры в группе строений тулоу в Гонкенге. Местные жители называют его «Принц Тулою» за удивительную форму и уникальный интерьер. Его дизайн был вдохновлен китайской багуа - восьмиугольной диаграммой из И Чинг (Книги Изменений).*

taryhy, ylmy we çeperçilik taýdan iň ähmiýetli tuloýudyr. Bu ymarat-gala iki sany halkadan aýlanandyr. Onuň daşky aýlawy dört gatlydyr we bu desgada 72 sany basgançagyň bardygy adatdan daşary binagärlik çözgüdinden habar berýär. Şol basgançaklar binany 72 sany aýry-aýry böleklere bölýär (adatça bir binada iki ýa-da dört basgançakly sütünler bolýar). Ikinji içki halka bir gatlydyr. Minleriň neberesinden bolan Ýengle imperatoryň hökmürowanlyk süren wagtynda – 1410-njy ýylda gurlan Jikwing Lu biziň günlermizde Hakka halkyýetiniň däpleriniň muzeýi hökmünde medeni hyzmat edýär. Bu muzeýde hakka halkynyň özboluşly durmuşy, taryhy hem-de medeniýeti barada gürrüň berýän on müňden gowrak gymmatly eksponatlar saklanylýar. Eger-de size haçan hem bolsa agaç basgançaklara münüp, ýokary galmak miýesser etse, onda, bu tagtadan ýasalan ymaratyň her bir burçunda hemişelik ýaňlanýan taryhyň simfoniýasyny eşidersiňiz.

«diwarlary tegelek, tegelek plita-örtükli hem-de tegelek tejegorly binanyň içinde tutuş maşgalam ýaşaýar» – gadymdan bäri bu jümle köp aýdylyp gelinýär. Her bir tuloýu – şol bir taýpanyň onlarça maşgalasynyň agzybirlikde ýaşaýan kiçijik bir jemgyýetidir. Bu desga «ata-babalaryň zalyndan», howlydan, suwly guýydan hem-de basgançaklardan emele gelýär, bu ýerde ýaşaýanlar şol bir meňzeş durmuş ýörelgesine eýeryärler.

Häzirki döwürde bu gadymy desgalar könelip, durmuşdan yza galan ýaly görünse-de, ýerli ilatyň ýaşuly nesliniň käbir wekilleri täze jaýlara göçenden tuloýuda ýaşamagy gowy görýärler. Munuň sebäbi diňe bir sergin howanyň hem-de amatly şertleriň olaryň göwnüne ýaraýanlygy bilen jemlenmeýär, olaryň örküni baglaýyn duýgular ata-babalaryň baý mirasy bilen berk baglanyşykdyr. •

• **Left:** *The Gengqinglou and Yuqinglou are very close to each other and are named the "Sisters Buildings". Located between Yuqinglou and Jiqinglou, Gengqinglou is 166 year-old. Yuqinglou, built in 1729, has been changed to an inn.* • **Çepden:** *Jengkwinglou we Yukwinglou biri-birine diýseň golaý aralykda ýerleşýärler we olar «Bina-Uýalar» diýlip atlandyrylýar. Yukwinglou bilen Jikwinglounyň aralygyndaky Jengkwinglou mundan 166 ýyl öň gurlupdyr. 1729-njy ýylda soňra Yukwinglou bolsa soňra myhmanhana öwrülipdir.* • **Слева:** *Дженгквинглоу и Юквинглоу находятся близко друг от друга и называются «Здания-сестры». Дженгквинглоу, расположенному между Юквинглоу и Джиквинглоу, исполнилось 166 лет. Юквинглоу, построенное в 1729 г., впоследствии было превращено в гостиницу.*

ограждения в виде перил. Построенный в 1912 г. Женченглу является типичной круглой постройкой восточно-западной архитектуры, планировка которой включает как традиционные сады Сужу, так и элементы, характерные для древнегреческой архитектуры. Западное влияние очевидно в двухэтажном внутреннем кольце, имеющем величественные колонны в греческом стиле в зале предков и ограждения в виде перил из кованого железа в коридоре второго уровня. За великолепный внешний вид и необычный интерьер местные жители называют это место «Принцем тулою».

Знаменитый рекордным количеством лестниц тулою Джиквинг Лу располагается в деревне Чукси. Это самое грандиозное сооружение, построенное без железных гвоздей и имеющее большую историческую, научную и художественную ценность. Оно состоит из двух концентрических колец. Внешнее кольцевое сооружение - четырехэтажное, и, что необычно, имеет 72 лестницы, которые делят сооружение на 72 отдельных отсека (обычно в тулою две или четыре лестницы). Второе кольцо является одноэтажным зданием. Построенное в 1419 г. во время правления императора Ёнгле династии Мин, Джиквинг Лу в настоящее время является Музеем обычаев народности Хакка. Экспозиция располагает десятью тысячами экспонатов, рассказывающих об уникальной жизни, истории и культуре этого этноса.

«Круглые стены, круглая облицовочная плитка и под круглым карнизом вся моя семья». Каждый тулою - это маленькое общество, в котором мирно сосуществовали десятки семей одного и того же рода и вели абсолютно одинаковый образ жизни.

И в наше время, хотя эти старинные сооружения являются не совсем удобными для современного человека, некоторые из местных жителей предпочитают жить в тулою, отказываясь переезжать в новые дома. Причина этого – не только и не столько свежий воздух, как глубокая эмоциональная связь с наследием предков. •

London City Guide

With its famous landmarks and unmistakable skyline it is no wonder that people flock from around the world to visit this iconic city

London is among the top-ranked cities in the world and is renowned for being a global centre for culture, art, learning and finance. In the wake of such iconic events as the London Olympics and a Royal Wedding, there is now a seemingly endless list of reasons to visit. Whether you have a passion for art, history or architecture, there really is something for everyone from the famous London Eye to London Zoo. Iconic locations such as Trafalgar square, home to Nelson's Column and London's largest Christmas tree; and Buckingham Palace where you can witness the changing of the guard, are quintessential London locations that are not to be missed!

London is also home to 240 museums as well as numerous art galleries and theatres so there is something to pique everybody's interest. Besides all of this the city boasts an astounding range of restaurants and bars, and is home to some of the most famous and luxurious hotels and shopping areas, meaning that visitors can make the most of any trip to the capital whether it be a weekend visit of an extended trip.

Top Tip

- Many of the attractions are free to visitors meaning that you can organise a trip to suit any budget. The London Pass is available which offers a fantastic package where you can visit over 60 of the top sites for literally a fraction of the price. Below are just some of the places included on the pass, for a full list and further details you can visit their website at www.londonpass.com/london-attractions

The London Pass

- Tower of London
- Hop on Hop off Bus Tour
- Thames River Boat Cruise
- Westminster Abbey
- London Zoo
- Shakespeare's Globe Theatre
- Kew Gardens
- Royal Observatory Greenwich
- Cutty Sark
- Wembley Stadium Tour

London şäherine gezelenç

Bu ady äleme belli şäheriň özüniň meşhur taryhy ymaratlary hem-de gözýetime çenli salgym atýan keşbi bilen dünýäniň ähli künjeklerinde ýaşaýan jahankeşdeleri özüne çekmegi adaty bir ýagdaýdyr


© sorincarosi

Londan dünýäniň iň uly şäherleriniň biridir, dünýäniň medeni, sungat, bilim we maliýe merkezi hökmünde meşhurdyr. London Olimpiadasy we Korolyň toýy ýaly dabaraly wakalaryň öň ýanynda Londona gezelenç etmäge ençeme degerli sebäpler tapylsa gerek. Siziň sungatyň, taryhyň ýa-da arhitekturanyň aşygydyňyza ýa-da däldigiňize garamazdan, aslynda, her bir kişiniň hakykatdan hem ünsüni çekäýjek ençeme binalar bar. Ady belli «Londonyň gözi» atly aýlanýan halkadan başlap, görenleri haýran galdyrýan Haýwanat bagyna çenli olaryň sanawyny artdyryp bolar. Merkezinde Nelsonyň Sütünleri ýerleşýän Trafalgar meýdançasy, Londonyň iň uly Arçasyna, Bukingem köşgüne hem-de bu gadymy ymaratda hormat garawullarynyň çalşyşyna tomaşa etmek mümkindir. Elbetde, şu sanalan binalary öz gözüň bilen görmezlik, olara ýeke-ýeke aýlanyp çykmazlyk haýp ahyry! Londonda 240 sany muzeý, şeýle-de san-sajaksyz surat galereýalary we teatrlar işleýär, şonuň üçin hem bu şäherde her bir adamyň islegini doly kanagatlandyraýjak zatlar hökman taryplýar. Mundan başga-da, paýtagt restoranlaryň, barlaryň, kaşaň myhmanhanalaryň hem-de söwda merkezleriniň juda köplügi bilen dünýäde giňden tanalýar. Bularyň ählisi her bir jahankeşdäniň iňlisleriň meşhur paýtagtyna syýahatynyň dynç alyş günlerindäki gysga wagtlykdygyna ýa-da uzak möhletli sapardygyna garamazdan, örän peýdaly boljakdygyny añladýar.

MUZEÝLER

Tebigaty öwreniş muzeýi

Tebigaty öwreniş muzeýi, megerem, şäherdäki iň ady belli künjek bolsa gerek; muzeýde Dinozawrlaryň galereýasy bolup, onda tiranozawrlaryň äpet uly gaňňyly-skeleti saklanylýar. Şeýle hem muzeýiň muşdaklary göwresiniň asyl nusgasyndaky mawy kiti hem-de ýaşy 40 million ýyla barabar möýi, başga-da, bir wagtlar ýeriň ýüzünde ýaşap geçen birnäçe jandarlary görüp bilerler. Muzeý dört sany reňkli zolaga bölünendir we olaryň her birinde ýer planetasynyň taryhy, şonuň ýaly-da, onda ýaşan haýwanlaryň we adamzadyň taryhy we ösüş ewolýusiýasy barada gürrüň berilýär.

Tebigaty öwreniş muzeýine baryp görmek muzdsuzdyr we onuň gapylary hemişe açykdyr. Has köpräk maglumatlary bilmek üçin ***http://www.nhm.ac.uk/*** websaýtyna ýüz tutup bilersiňiz.

Britan muzeýi

Britan muzeýi ýurduň iň köp barylýan resmi syýahatçylyk merkezidir. Onuň sergä çykarylýan eksponatlary adamzadyň 2000 ýylyň içindäki taryhyny öz içine alýar. Bu muzeýde bütin dünýäde meşhurlyk gazanan tapyndylar saklanylýar, olaryň arasynda Müsüriň mumyýalary, Parfenonyň heýkelleri we Rozettiň daşy bar. Bütin ýylyň dowamynda muzdsuz sergileriň birnäçesi guralýar, ýöne olaryň käbirleri üçin petek almak hökmandyr. Maşgala bolup muzeýe barýanlar hemişe höweslendirilýär, çagalar üçin muzdsuz birnäçe gyzykly çäreler we dabaraly tomaşalar geçirilýär. Şeýle-de, muzeýde kafeler we restoranlar işleýär, şonuň üçin hem siz bu ýerde tutuş günüňizi geçirip hem-de köp sanly ýadygärlik sowgatlary satylýan dükanjyklara aýlanyp bilersiňiz. Britan mezýine aýlanyp çykmk üçin töleg tölenmeýär we ol mydama diýen ýaly açykdyr.

Habarlaşmak üçin ***www.britishmuseum.org*** websaýtyna ýüz tutuň!


© stocker1970

Top Tip

- During the winter months an open-air ice skating ring pops up outside the museum, creating a magical winter land in the heart of the city.

- **Esasy maglumatlar**
Gyş aýlarynda muzeýiň daş tarapynda açyk meýdanda buzda typylýan ýörite meýdança gurulýar we ol şäheriň merkezinde jadyly ýagdaýy döredýär.

- **Это интересно**
зимой на территории музея обустраивают открытый каток.

MUSEUMS

Natural History Museum

The Natural History Museum is perhaps the most iconic in the city with its popular Dinosaurs Gallery which houses the massive skeleton of a Tyrannosaurus Rex. Visitors can also see a life-sized Blue Whale and a 40 million year old spider, as well as some of the rarest animals the world has seen. The museum is split into four coloured zones that look at the history of the planet itself as well as the history and evolution of the animals and humans who inhabit it. Entry to the Natural History Museum is free and the museum is open most days. For further information you can visit their website at ***http://www.nhm.ac.uk***

The British Museum

This is officially the country's most popular tourist attraction with exhibitions covering 2,000 years of human history from around the globe. World famous objects housed in the museum include Egyptian mummies, sculptures from the Parthenon and the Rosetta Stone. There are exhibitions throughout the year, many of which are free. Families are welcome and there are a number of free events and activities for children. There are also a number of cafés and a restaurant available on site meaning that you can make the most of your day without having to leave the museum complex. A variety of gift shops are also available. Entry to the British Museum is free and the museum is open most days. For further information you can visit their website at ***www.britishmuseum.org***


© jennyt

Путеводитель по Лондону

Легко узнаваемый силуэт на горизонте, знаменитые исторические здания - все это удивительный город, привлекающий туристов со всего мира

Лондон –один из знаменитейших городов мира и является мировым центром культуры, искусства, образования и финансов. Есть много причин хоть раз в жизни обязательно посетить этот город. Независимо от того, любите ли вы искусство, историю или архитектуру, каждый найдет здесь, что посмотреть - от знаменитого «Лондонского Глаза» до Лондонского зоопарка, от Трафальгарской площади с Колонной Нельсона в самом ее центре до самой большой новогодней елки и Букингемского дворца, где можно увидеть знаменитую смену караула.

В Лондоне находятся 240 музеев, а также бесчисленные картинные галереи и театры. Кроме всего прочего город славится большим количеством ресторанов, баров, роскошных отелей и торговых центров.

МУЗЕИ

Музей естествознания

Не исключено, что Музей естествознания является самым интересным в городе - в нем имеется Галерея динозавров с восстановленным скелетом тиранозавра. Посетители могут увидеть голубого кита в натуральную величину и паука, которому 40 миллионов лет, а также некоторых редчайших животных, когда-либо живших на земле. Музей разделен на четыре цветные зоны, где рассказывается об истории планеты, эволюции животных и человека.

Посещение Музея естествознания бесплатно и музей открыт практически всегда. За дополнительной информацией обратитесь на сайт ***http://www.nhm.ac.uk/***

Британский музей

Официально это самая популярная туристическая достопримечательность королевства. Экспозиция охватывает период истории человечества на протяжении 2000 лет. Здесь находятся всемирно известные артефакты: мумии египетских фараонов, скульптуры из Парфенона и Розеттский камень. В течение года проводятся бесплатные выставки, но на некоторые из них все равно нужны билеты. Поощряются семейные посещения, проводятся мероприятия для детей. Также в музее имеются кафе и ресторан, многочисленные сувенирные магазины. Посещение Британского музея бесплатно и музей открыт практически всегда. Дополнительная информация на ***www.britishmuseum.org***



© Chris Jenner

Это интересно

- Посещение многих из интересных достопримечательностей бесплатно для туристов. Также можно приобрести Лондонский универсальный билет - это пропуск, по которому вы можете посетить более 60 главных достопримечательностей за незначительную цену. Ниже представлены некоторые места, доступные для посещения по нему. Для получения более подробной информации посетите веб-сайт www.londonpass.com/london-attractions

Лондонский универсальный билет

- Лондонский Тауэр
- Поездка на автобусе «Hop on Hop off»
- Круиз на теплоходе по реке Темзе
- Вестминстерское Аббатство
- Лондонский зоопарк
- Шекспировский театр «Глобус»
- Кью Гарденз (Ботанический сад)
- Королевская обсерватория в Гринвиче
- Катти Сарк (музей на корабле в Гринвиче)
- Экскурсия на стадион Уэмбли



© Simon Bourne

FUN FOR THE FAMILY

London Zoo

With over 750 incredible species, London Zoo has been inspiring visitors since it opened in 1847. Tigers, monkeys and Gorillas are just a few of the species that can be seen, and there are areas for birds, insects and reptiles of every shape and colour. One of the most popular attractions at the zoo is the Land of the Lions, where there is a group of breeding Asiatic lions, a species that is on the verge of extinction.
Not only is London Zoo a great day out for all the family, but your ticket money goes towards The Zoological Society of London's conservation programs and helps secure a future for endangered animals. For prices and opening times you can visit their website at ***https://www.zsl.org/zsl-london-zoo***

Sea Life

Magnificent Sharks, colourful Clownfish or inquisitive Sea Turtles – you can see them all at Sea Life London, from the curious and the rescued, to the rare and the enigmatic. An Ocean tunnel allows you to view sea life as if from deep under water, and the Shark wall gives you an opportunity to get up close to seven species of sharks. Not only does SEA LIFE London Aquarium provide a great day out for all the family, it is also a leading centre for marine management, conservation and preservation. Many of the creatures are on the endangered list and have either been rescued and cannot be released into the wild, or have been born and bred as part of conservation projects. For further information, prices and opening times please visit their website at ***https://www2.visitsealife.com/London***

MAŞGALA AGZALARY ÜÇIN TOMAŞALAR

Londonyň haýwanat bagy

750 sany geň-taň haýwanlary özünde jemlemek bilen, Londonyň haýwanat bagy özüniň açylan gününden, ýagny, 1847-nji ýyldan bäri bu ýere gelýänleri haýran galdyrmagyny dowam edýär. Gaplaňlar, maýmynlar we gorillalar — bular bu ýerdäki jandarlaryň diňe birnäçe görnüşleridir; dürli-dürli we her hili reňkdäki guşlar, mör-möjekler we süýrenijiler-ýylanlar üçin ýörite zolaklar döredilipdir. Londonyň haýwanat bagynyň iň özüne çekiji zolaklarynyň biri-de Ýolbarslaryň mesgenidir, bu ýerde ýitip gitmek derejesine baran aziýa ýolbarslarynyň uly topary ýaşaýar. Londonyň haýwanat bagy diňe bir ähli maşgala agzalaryňyz bilen tutuş bir günüňizi açyk howada geçirmäge amatly ýer bolmak bilen çäklenmeýär, ol, eýsem, siziň petek satyn almak üçin tölän pullaryňyzyň Zoologiýa jemgyýetiniň tebigaty goramak boýunça London maksatnamasynyň çykdajylaryna sarp edýän hemaýatkärlik merkezidir. Bu taslama haýwanlaryň ýok bolup barýan görnüşlerini gorap saklamaga goldaw berýär. Haýwanat bagynyň peteklerini satyn alaryn we onuň işleýän wagtlaryny bilerin diýseňiz, onda, baş üstüne: ***https://www.zsl.org/zsl-london-zoo*** websaýtyna ýüzleniň!

Deňiz durmuşy

Läheň-läheň akulalar, balyk-masgarabazyň reňkli görnüşleri ýa-da örän bilesigeliji deňiz pyşbagalary — ynha, bularyň hemmesini Londonyň Deňiz akwariumynda görmek mümkindir. Olaryň arasynda özüne çekiji nätanyş hem-de deňiz heläkçiliginde halas edilen, juda seýrek duş gelýän, täsin we syrly deňiz jandarlary bar. Ummanyň ötügi ýerasty deňiz durmuşynyş janly waklaryny synlamaga şert döredýär, akulalaryň aýratyn zolagynda bolsa size olaryň ýedi görnüşi bilen ýakyndan tanyşmak mümkinçiligi berilýär. Londonyň Deňiz durmuşy Akwariumyna aýlanyp görmek diňe bir tutuş maşgalaňyza bir günläp ruhy lezzet bermek bilen çäklenmmez, çünki ol deňiz jandarlaryny öwrenmek, olary gorap saklamak hem-de dolandyrmak boýunça ýürtdaky iň öňdebaryjy merkez hasaplanlýar. Bu ýerdäki suw jandarlarynyň köpüsi ýitip ýok bolup barýan haýwanlaryň sanawyna girýär, ençemesiniň deňizde halas edilenligi sebäpli, olary gaýtadan ýabany tebigata goýbermek gadagandyr. Şeýle-de, olaryň aglabasy şu Akwariumda doglup, deňiz jandarlarynyň seýrek görnüşlerini gorap saklamak we köpeltmek baradaky taslamanyň çäklerinde ýörite ösdürilip kemala getirilýär.

Petekleriň bahasy we Akwariumyň iş tertibi barada bilmek üçin: ***https://www2.visitsealife.com/London/*** saýtyndan has anyk maglumatlary almak mümkindir.



© Steve Marsh



© Steve Marsh

СЕМЕЙНЫЕ РАЗВЛЕЧЕНИЯ

Лондонский зоопарк

Более 750 удивительных биологических видов находятся в Лондонском зоопарке открытом в 1847 г. Тигры, обезьяны и гориллы – это всего лишь некоторые виды животных, которых можно там увидеть; имеются территории для птиц, насекомых и рептилий. Одно из самых популярных мест в зоопарке – это Страна львов, где проживает группа азиатских хищников, находящихся на грани исчезновения. Оплатив входной билет, вы поможете Лондонской программе по природоохранной политике Зоологического общества и станете участником программы сохранения исчезающих видов животных. По всем интересующим Вас вопросам обращайтесь на сайт ***https://www.zsl.org/zsl-london-zoo***

Жизнь моря

Величественные акулы, яркие рыбы-клоуны или излишне любопытные морские черепахи - все это можно увидеть в Морском аквариуме Лондона. Океанский туннель позволит вам увидеть подводную морскую жизнь, а в отсеке с акулами у вас будет возможность ближе познакомиться с семью видами этих страшных морских хищников. Аквариум является ведущим центром изучения и сохранения видом морских животных. Многие из них находятся в списке исчезающих и были рождены и воспитаны в рамках проектов по сохранению видов. Для дальнейшей информации по обратитесь на сайт ***https://www2.visitsealife.com/London/***

ICONIC LONDON

Coca-Cola London Eye

The Coca-Cola London Eye is located in the heart of the city on the banks of the River Thames. At 135 metres tall, the London Eye not only provides a fantastic view of close-by monuments such as Big Ben and the Houses of Parliament, it also gives a 360 degree view of London's entire skyline. The Eye has 32 high-tech glass capsules and a full rotation takes approximately 30 minutes, giving you plenty of time to observe the ever changing vistas. Interactive guides allow you to explore iconic landmarks across the city with information provided in several languages. For more information you can visit the website at ***https://www.londoneye.com***

St Paul's Cathedral

St Paul's Cathedral is an integral part of London and its skyline, and with its rich history this building has awed and inspired locals and visitors alike. There is currently an exhibition to commemorate the Great Fire of London which took place in 1666 that all but destroyed the cathedral. The cathedral was rebuilt and later survived the bombing of London during the Second World War – one of the few buildings in London that did. You can also venture down to the crypt where there are tombs and memorials of some of the nation's greatest heroes such as Admiral Lord Nelson and the Duke of Wellington; and the Golden Gallery provides a breathtaking view across the city. For further information you can visit the website at ***https://www.stpauls.co.uk/***

Changing of the guard

The changing of the Guard ceremony at Buckingham Palace is a quintessential event in the city of London and has no problem drawing the crowds. The Queen's Guard - made up of soldiers on active duty from the Household Division; look after Buckingham Palace and are dressed in traditional red tunics and bearskin. The Ceremony takes place every day from 11am between April to July, and on alternate days from August to March (weather permitting). This free event is very popular, so be sure to arrive early to secure a good view. For further information you can visit the website at ***http://changing-guard.com/dates-buckingham-palace.html***



© ximo

Esasy maglumatlar

- Bu sanalyp geçilen gelim-gidimli künjekleriň köpüsi syýahatçylyr üçin mugtdyr. Beýle ýeňillikler siziň islendik maliýe çeşmesine görä, öz gezelenjiňizi gurap biljekdigiňize güwä geçýär. Londonyň petek-rugsatnamasyny hem satyn alyp bilersiňiz, ol örän täsin rugsatnamadyr, onuň kömegi bilen siz sähelçe pula şäheriň 60 sany iň gözel ymaratalaryna seýil edip bilersiňiz. Aşakda syýahat etmegiň sanawayna goşulan ýerleriň birnäçesiniň atlary görkezilýär. Mundan soňraky gerekli maglumatlary alaryn diýseňiz, www.londonpass.com/london-attractions/websaýtyna giriň!

Londonyň petek-rugsatnamasy

- London Taueri
- «Hop on Hop off» awtobusynda gezelenç
- Temza derýasyna gämili aýlanyp çykmak
- Westminstr Abbatlygy
- Londonyň haýwanat bagy
- «Globus» Şekspir teatry
- Kýu Gardenz (Botanika bagy)
- Korolyň Grinwiçdäki obserwatoriýasy
- Katti Cark (Grinwiçde gämide guralan muzeý)
- Uembli sport meýdançasyna gezelenç



© KlevVictor

LONDONYŇ ADY BELLI ÝERLERI

Londonyň aýlanýan Halkasy «Londonyň gözi» diýlip atlandyrylýar (Coca-Cola onuň täze hemaýatkäridir)

Londonyň äpet uly, tigir ýaly aýlanýan Halkasy — «Londonyň gözi» şäheriň tüýs ýüreginde — Temza derýasynyň kenarynda gurlupdyr. «Londonyň gözi» 135 metr beýiklikden tutuş Londan şäherine 360 gradusly aýlaw bilen nazar salmaga mümkinçilik berýär, şol beýiklikden seredeniňde, Halkanyň alkymyndaky Big Ben we Parlamentiň binasy fantastika görnüşe girýär. Bu täsin desganyň 32 sany ýokary tehnologiýaly daşy aýnalanan kapsulalary bolup, olar, takmynan, 30 minudyň dowamynda öz okunyň daşyndan bir gezek doly aýlanýar. Şäheriň gözüň alnynda üýtgeýän keşbini synlamaga hut şunça wagt doly ýeterlikdir. Öz kärine ökde ýolbeletler Size şäheriň meşhur ymaratlaryny içgin öwrenmäge kömek ederler we dürli-dürli dillerde gyzykly maglumatlary bererler. Mundan artyk maglumatlar barada ***https://www.londoneye.com/*** websaýtynda tanyşdyrylýar.

Keramatly Pawlyň Baş ybadathanasy

Keramatly Pawlyň Baş ybadathanasy Londonyň aýrylmaz bir bölegidir, ybadathananyň baý taryhy geçmişi bar, ol ýerli ilaty we jahankeşdeleri ylahy düşünjeler bilen gurşap alýar we olaryň ruhlaryny galkyndyrýar. Häzirki günlerde bu ýerde 1666-njy ýylda Londonda bolup geçen we ybadathanany ýakyp küle öwren Beýik ýangyna bagyşlanan sergi açyldy. Baş ybadathana mundan soňra doly dikeldilýär we Ikinji jahan urşy ýyllarynda tutus London boýunça bombalanmakdan abat galan sanaýmalyja binalaryň biridir. Siz binanyň aşaky gatyna düşüp, admiral lord Nelson we gersog Wellingtong ýaly milli gahrymanlaryň jaýlanan guburlaryny we olara bagyşlanan ýadygärlikleri görüp bilersiňiz, Altyn Galereýadan şäheriň haýran galdyryjy ajaýyp keşbini görersiňiz.

Täze wajyp maglumatlary almak üçin ***https://www.stpauls.co.uk/*** websaýtyna giriň!



© vvchvik81

Garawullaryň çalyşýan pursatlaryna tomaşa

Bukingem Köşgünde garawullaryň dabaraly çalyşýan pursaty Londonyň esasy wakalarynyň biridir we bu harby däp jahankeşdeleriň uly toparyny özüne çekýär. Bukingem Köşgüni goraýan gwardiýa – goşun bölümi Korolyň gwardiýasy diýlip atlandyrylýar we onda harby bölüminiň esgerleri gulluk edýärler. Esgerler eginlerine milli gyzyl lybas, kellelerine bolsa aýynyň derisinden tikilen papak geýýärler. Aprel aýyndan başlap iýul aýyna çenli aralykda, awgust aýyndan başlap hem tä mart aýy aralygynda her gün irden sagat 11-de (howanyň ýagdaýyna görä) garawullaryň täzesi olaryň öňküleriniň ýerini çalyşýar. Bu dabarany görmäge töleg talap edilmeýär, şonuň üçin hem ony başdan-aýak synlamak üçin görkezilýän wagtdan has ir köşge barmaga howlugyň! Özüňize gerekli zerur maglumatlary almak isleseňiz, ***http://changing-guard.com/dates-buckingham-palace.html*** websaýtyna ýüzleniň!

ЗНАМЕНИТЫЕ МЕСТА ЛОНДОНА

Лондонское колесо обозрения «Лондонский глаз»

Колесо обозрения «Лондонский Глаз» расположено в центре города на берегу реки Темзы. С высоты 135 метров вам доступен фантастический вид на находящиеся рядом Биг Бен и здание Парламента и панорамный обзор всего Лондона. Лондонское колесо обозрения имеет 32 высокотехнологичные стеклянные пассажирские капсулы, время их полного оборота составляет около 30 минут. Интерактивные гиды предоставят информацию на различных языках. Дополнительная информация на сайте ***https://www.londoneye.com/***

Собор Св. Павла

Собор Св. Павла – это неотъемлемая часть Лондона, с богатой историей, внушающее благоговение и завораживающее как местных жителей, так и туристов. В настоящее время там развернута выставка, посвященная Великому пожару Лондона в 1666 г., который уничтожил собор. Здание было вновь отстроено и позже пережило немецкие бомбежки во время Второй мировой войны. Вы также сможете спуститься вниз, в крипту, где находятся гробницы и мемориалы некоторых величайших представителей английской нации, таких как Адмирал лорд Нельсон и герцог Веллингтонский; а из Золотой галереи открывается захватывающий вид на город. Для дальнейшей информации обращайтесь на ***https://www.stpauls.co.uk/***

Смена караула

Церемония смены караула у Букингемского дворца – одно из главных событий в Лондоне и традиционно привлекает множество туристов. Гвардия, охраняющая Букингемский Дворец, называется Королевской, в ней служат солдаты из. Гвардейцы одеты в традиционные красные туники и медвежьи шапки. Церемония смены караула проходит с апреля по июль - каждый день в 11 часов утра, а с августа по март - по определенным дням (в зависимости от погоды). Посмотреть церемонию смены караула у Букингемского дворца можно совершенно бесплатно. Вся информация - на сайте ***http://changing-guard.com/dates-buckingham-palace.html***



HISTORICAL SITES

Tower of London

Despite the Tower of London's grim reputation as a place of torture and death, within these walls you will also discover the history of a royal palace, an armoury and a powerful fortress. You can marvel at the priceless Crown Jewels, join an iconic Beefeater on a tour of the complex, get a hands on experience in the armoury, and don't forget to find out about the Royal Beasts that have inhabited the Tower! For prices and opening times you can visit their website at ***http://www.hrp.org.uk/tower-of-london/***

Westminster Abbey

Kings, queens, statesmen and soldiers; poets, priests, heroes and villains - Westminster Abbey is a must-see living pageant of British history. Every year, the Abbey welcomes over one million visitors who want to explore this wonderful 700-year-old building. Audio guides are available in eleven languages or there is the highly-popular verger-led tour. For more information on prices and opening times please visit the website at ***http://www.westminster-abbey.org***

ART GALLERIES

Tate Modern

The Tate Modern is Britain's national museum of modern and contemporary art from around the world and is located in a former power station on the banks of the Thames. The awe-inspiring Turbine Hall runs the length of the entire building and you can see amazing work by artists such as Cézanne, Bonnard, Matisse, Picasso, Rothko, Dalí, Pollock, Warhol and Bourgeois. Entrance to the Tate Modern is free and further information about exhibitions is available at ***http://www.tate.org.uk/visit***

The National Gallery

With free access to over 2,300 paintings from altarpieces to the Impressionists, from the Middle Ages to the 20th century, there's something for everyone at the National Gallery. You can explore inspiring art by Botticelli, Leonardo da Vinci, Rembrandt, Gainsborough, Turner, Renoir and Van Gogh. There are free guided tours, audio guides in multiple languages and free family activities for children of all ages. For further information about exhibitions and opening times please visit the website at ***www.nationalgallery.org.uk***


© MrevVictor


© allyklondon

TARYHY ÝERLER

Londonyň Taueri

Londonyň Taueri — jezalandyrmalaryň hem-de gynamalaryň amala aşyrylýan ýowuz hem-de hopukdyryjy ýeri hökmünde tanalsa-da, Siz bu galanyň diwarlarynyň aňyrsynda Korolyň köşgüni, ýaraglaryň uly toplumyny hem-de berk galany görersiňiz we olaryň taryhyny öwrenersiňiz. Siz korolyň altyn jygasynyň gymmatbahaly hazynasyny görüp, haýran galarsyňyz, meşhur Bifiterä (Taueri goraýan esgerlere) goşulyşyp bilersiňiz, tutuş toplumyň içine aýlanyp çykarsyňyz, harby ýaraglary ýakyndan tanarsyňyz, gyzykly gezelenç wagtynda Tauerde mesgen tutunan korolyň haýwanlary hakda bilmegi-de unutmaň!

Taueriň işleýan wagtlary hem-de oňa girmek üçin petegiň bahasy hakda ýüze çykýan soraglara jogap tapaýyn diýseňiz: ***http://www.hrp.org.uk/tower-of-london/*** websaýtyna giriň!

Westminstrlik Abbatlygy

Westminstrlik Abbatlygy — bu Korollar, korollaryň aýallary, döwlet işgärleri we esgerler; şahyrlar, keramatly adamlar, gahrymanlar we betpygyl zalymlardyr — bular Britaniýanyň taryhynyň janly şaýatlarydyr we hökmany suratda olary görmek gerekdir. Her ýyl Abbatlyga bir milliondan gowrak syýahatçy gelýär we 700 ýyllyk taryhy bolan bu ajaýyp gadymy ymarat barada gyzykly maglumatlar bilen tanyşýarlar. Bu meşhur ybadathanada Angliýanyň korollarynyň we şa zenanlarynyň tagta çykmagynyň dabaralary geçirilipdir. Siz bu ýerde on bir dildäki audio tanyşdyrylyşynyň hyzmatyndan peýdalanyp hem-de ybadathananyň ruhanysy bilen bilelikde gyzykly gezelenje gatnaşyp bilersiňiz.

Abbatlygyň haçan işleýandigi we oňa girmek üçin petegiň bahasynyň ýagdaýy hakynda ***http://www.westminster-abbey.org/*** websaýtyndan gymmatly maglumatlary alyp bilersiňiz.

ÇEPERÇILIK GALEREÝALARY

Häzirki zaman sungatynyň Teýt galereýasy

Häzirki zaman sungatynyň Teýt galereýasy – bu Britaniýanyň häzirki zaman şekillendiriş sungatynyň we modern — döwrebap sungatyň bütin dünýäniň ähli künjeklerinden ýygnanan eserleriniň saklanylýan hem-de tomaşaçylara görkezilýän milli muzeýidir; ol Temza derýasynyň boýundaky özalky elektrik bekediniň jaýynda ýerleşýär. Köne bekediň ýatda galyjy Enjamlar zaly binanyň tutuş boýuna uzap gidýär we Size bu ýerde Sezannyň, Bonaryň, Matissiň, Pikassonyň, Rotkonyň, Daliniň, Pollogyň, Worholyň we Buržäniň dabarasy dag aşan eserlerini synlamaga mümkinçilik dörär. Muzeýe girmek üçin pul tölenmeýär. Mundan soňraky maglumatlary bilmek islesiňiz: ***http://www.tate.org.uk/visit/*** websaýtyna ýüzleniň!

Milli Galereýa

Milli Galereýa tomaşa eden her bir adam hökmany suratda öz gönünde ýaraýan gyzykly kartinany tarap. Oňa girmegiň tölegi ýokdur, şol sebäpden, bu sungat ojagyna baran her bir syýahatçy soltanlaryň, dini-keramatly adamlaryň keşplerinden başlap tä, impressionistleriň çeken suratlaryna, Orta Asyrlaryň kartinalaryndan başlap, 20-nji asyryň çeper eserlerine çenli muzeýiň jemi 2300-den gowrak kartinalaryny synlarlar. Siz surat merkezinde Botiçelliniň, Leonardo da Winçiniň, Rembrandtyň, Geýnsboryň, Terneriň, Renuaryň we Wan Goguň her bir ynsany ruhlandyryjy sungatyny içgin öwrenip bilersiňiz. Ýolbeledin gatnaşmagynda kartinalar muzdsuz tanyşdyrylýar, şeýle-de ençeme dillerdäki audio tanyşdyrylyşyň hyzmatyndan peýdalanmak mümkin. Ähli ýaşdaky çagalar üçin yzygiderli gyzykly medeni maşgala çäreleri geçirilýär. Özüňizi gyzyklandyrýan meseleler boýunça ***www.nationalgallery.org.uk/*** websaýtyndan gymmatly maglumatlary alyp bilersiňiz!

ИСТОРИЧЕСКИЕ ДОСТОПРИМЕЧАТЕЛЬНОСТИ

Лондонский Тауэр

За этими стенами вы познакомитесь с историей королевского дворца, увидите арсенал оружия и осмотрите мощную кладку крепостных стен. Вы насладитесь видом бесценных сокровищ королевской Короны, присоединитесь в экскурсии к знаменитому Бифитеру (солдату охраны Тауэра), увидите оружие и узнаете о королевских животных, населявших Тауэр. За дополнительной информацией обращайтесь на сайт ***http://www.hrp.org.uk/tower-of-london/***

Вестминстерское Аббатство

Короли, королевы, государственные деятели и солдаты, поэты, священники, герои и злодеи – все это Вестминстерское Аббатство, все это живые свидетельства Британской

